**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistan özüniň ykdysady ösüşiniň täze we innowasion tapgyryna gadam basdy. Bu döwürde ýurdumyzyň milli ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmak, ony sanly ulgama geçirmek we hususy telekeçiligi goldamak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi. Häzirki zaman dünýäsinde globallaşma we tehnologik ösüşleriň çaltlanýan şertlerinde, ykdysadyýeti täzeçillik we döwrebap dolandyryş çözgütleri bilen baýlaşdyrmak möhüm ähmiýete eýedir.**

Häzirki wagtda tehnologik çözgütler islendik döwletiň ösüşiniň esasy guraly bolup çykyş edýär. Türkmenistanyň ykdysadyýetini sanly ulgama geçirmek strategiýasy bolsa Milli Liderimiziň ylmy taýdan esaslandyrylan özgertmeleriniň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalarynyň aýrylmaz bölegidir. Bu ugurda kabul edilen «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy» ýaly taryhy resminamalar ýurdumyzyň geljekki ösüş ýoluny aýdyň görkezýär.

Sanly ulgamyň ösdürilmegi ýurdumyzda hususy ulgamdaky kärhanalary hem ýeke-täk maglumat giňişligine birikdirdi. Munuň özi öndürilýän harytlaryň hiliniň ýokarlanmagyna, hyzmatlar ulgamynyň döwrebaplaşmagyna we sarp edijilere elýeterli bolmagyna ýardam edýär. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlislerinde hem bellenilişi ýaly, häzirki wagtda eksporta gönükdirilen we importyň ornuny tutýan önümçilikleriň gerimi has-da giňeýär. «Türkmenistanda öndürildi» diýen nyşanly harytlar bu gün dünýä bazarlarynda uly islegden peýdalanyp, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň bäsdeşlige ukyplylygyny görkezýär.

Jemläp aýdanymyzda, innowasion ykdysadyýetiň ylmy esaslarynyň öwrenilmegi ösüş-özgerişleriň uzak möhletli we durnukly bolmagyny üpjün edýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrýan, ylmyň we döwrebap tehnologiýalaryň güýjüne daýanýan bu beýik işler Watanymyzyň parlak geljegine gönükdirilendir. Milli ykdysadyýetimizi döwrebaplaşdyrmaga aýratyn üns berip, durnukly ykdysady ösüşiň bähbidine beýik işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

**Mekan ANNAMEŇLIÝEW,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 08.05.2026